# Nikolaý Ilminskiý

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nikolaý Ilminskiý NIKOLAÝ ILMINSKIÝ



XX asyryñ başlarynda türki dünýäsini parçalamagy maksat edinen Nikolaý Ilminskiý diýilýän rus missioneri bardy. Ol şeýle diýýärdi: «Bir kowmuñ düşünje terzi onuñ ene diline baglydyr. Her ilde aýry elipbiý, aýry dil bolar ýaly etmeli, goý, olar hiç agzyny birikdirip bilmesinler».
Ynha, Osmanlynyñ soñky ýyllarynda şu aýdylanlar amal edildi.
Aradan ýüz ýyl geçdi. Şindi (türki halklar) bir-birimiz bilen dil babatda arkaýyn gepleşip bilýärismi?
Soñky segsen ýylda «ýönekeýleşdirme» ady bilen bir pudak öñe çykarylmadymy? «Ýönekeýleşdirilen» eserler» ýigrimi ýyl geçip-geçmänkä, ikilenç ýene «ýönekeýleşdirilmedimi»?
«Ýönekeýleşdirme näme?» diýip sorag berýärin, berilen jogap şu: «düşünilmesini añsatlaşdyrmak».
Üns beriñ, bir jemgyýet biri-birine düşünmezlik üçin segsen-

togsan ýyl kejeňekligine tutýar, şeýlemi?
Ruslar türki halklary basyp almalarynyň üstünden bir asyr geçensoň, olaryň arasyny ýaragyň güýji bilen bölmegiň mümkin däldigine göz ýetirdiler. Ine, şonuň üçinem ara N.Ilminskiý girdi.
N.Ilminskiý XIX asyryň ahyrlarynda basybalyjy Patyşa Russiýasyna «agzyny alart-da, höküm sür!» taktikasyny öwretdi.
Bolşwesitik Russiýa hem hut şu taktikany dowam etdirdi.
Netijede türk dünýäsi parçalandy.
Dilimize zerurlyk bolanda daşary ýurt dillerinden sözler geçýär. Muňa päsgelçilik döretmek mümkin däl. Emma ulanyp ýören sözlerimiziň (öň pylan dilden geçenmiş diýip) «şapbatlanyp» dilimizden çykarmak näderejede dogry?
Mysal üçin, «internet» sözüne näme diýersiňiz? Islesegem, islemesegem ulanýarys. Muňa manydaş söz tapmak mümkinem däl.
Uzyn gepiň keltesi, geçen asyryň başynda param-parça edilen türk dünýäsinden sapak alsak dogry bolmazmy? «Taryh gaýtalanýar» diýip, täze Ilminskileriň döremegini islämzok.
Ömer AKDAG.

«İstiklal» gazeti, 15.06.2019 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Edebi makalalar